Kazy: M.Halmyradow

KESGITNAMA № 2N-24/18

Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy: başlyklyk ediji M.Mollaýewden, kazylar J.Açylowdan we G.Ussanepesowdan ybarat düzümde, özüniň 2018-nji ýylyň 23-nji maýyndaky mejlisinde Aşgabat şäher kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň 2018-nji ýylyň 27-nji aprelindäki hökümine iş kesilen Kakajan Abdullaýewiç Halbaýewiň adwokaty A.Hojagulyýewiň nägilelik tertibinde bildiren şikaýatyna seretdi.

Agzalan höküm bilen:

1995-nji ýylyň 10-njy iýunynda Daşoguz welaýatynyň Görogly etrabynyň H.Myradow adyndaky geňeşliginde doglan, Türkmenistanyň raýaty, milleti türkmen, kazyýet önümçiliginiň alnyp barylýan dilini bilýän, gutarylmadyk ýokary bilimli, sallah, hiç ýerde işlemedik, öň iş kesilmedik, harby borçly, döwlet sylaglary bilen sylaglanmadyk, Daşoguz welaýatynyň Görogly etrabynyň H.Myradow adyndaky geňeşliginde ýaşan **Kakajan Abdullaýewiç Halbaýew**

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 174-nji maddasynyň 1-nji böleginde, 175-nji maddasynyň 2-nji böleginde, 177-nji maddasynyň 3-nji böleginde, 275-nji maddasynyň 1-nji we 2-nji böleklerinde göz öňünde tutulan jenaýatlary etmekde günäli bilnip, Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 174-nji maddasynyň 1-nji bölegi esasynda 12 /on iki/ ýyl, 175-nji maddasynyň 2-nji bölegi esasynda 4/dört/ ýyl, 177-nji maddasynyň 3-nji bölegi esasynda 6/alty/ ýyl, 275-nji maddasynyň 1-nji bölegi esasynda 12/on iki/ ýyl, 2-nji bölegi esasynda 10/on/ ýyl azatlykdan mahrum etmeli edilipdir.

Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 63-nji maddasynyň 3-nji bölegi esasynda jenaýatlaryň jemi boýunça bellenen jezalary bölekleýin goşmak arkaly K.Halbaýew gutarnykly 15 /on bäş/ ýyl azatlykdan mahrum edilip, jezasyny berk düzgünli düzediş edarasynda çekdirmek bellenipdir.

Agzalan höküm bilen **Kemal Meýlismyradowiç Saparow** hem Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 174-nji maddasynyň 1-nji böleginde, 175-nji maddasynyň 2-nji böleginde, 177-nji maddasynyň 3-nji böleginde, 275-nji maddasynyň 1-nji we 2-nji böleklerinde göz öňünde tutulan jenaýatlary etmekde günäli bilnip iş kesilipdir. Ol tarapyndan nägilelik şikaýaty getirilmändir.

Iş boýunça Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň kazysy G.Ussanepesowyň beýanyny, iş kesilen K.Halbaýewiň adwokaty A.Hojagulyýewiň nägilelik şikaýatyň kanagatlandyrylmagyny sorap eden çykyşyny, Türkmenistanyň Baş prokurorynyň kömekçisi B.Geldiýewanyň hökümiň üýtgedilmän galdyrylmaga degişlidigi baradaky pikirini diňläp, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy

anyklady:

Kazyýetiň hökümine görä, iş kesilen K.Saparow 2015-nji ýylyň ýanwar aýynda Russiýa Federasiýasynyň Sankt-Peterburg şäherine gidip, Sankt-Peterburgyň döwlet agrar Uniwersitetine okuwa girip, 2016-njy ýylyn sentýabr aýynda Türkmenistandan okamaga baran iş kesilen Kakajan Abdullaýewiç Halbaýew we A.Jumadurdyýew, A.Hudaýnazarow, M.Saparbaýew, N.Durdyýew, M.Geňeşow, B.Nazarow, K.Begliýew, Ý.Ormadow, W.Berdiýew, A.Bekiýew we şol ýerdäki näbelli Russiýa

Federasiýasynyň raýatlary bilen deslapdan jenaýatçylykly dilleşip, adamlaryň topary bolup, Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan ykrar edilmedik, Türkmenistan döwletiniň dini ýol-ýörelgelerine gabat gelmeýän «Wahhabi», «Selefi», «Musulman doganlar», «Hizb-ut-Tahrir» jemagatlarynyň agzasy hökmünde hereket edip, jenaýat etmek üçin guramaçylykly topary, jenaýatçylykly bileleşigi döredip, açyk çagyryşlary edip, olaryň düzüm bölümlerine ýolbaşçylyk edip, gatnaşyp öz aralaryndaky agzalarynyň aýdyň bolmazlygy üçin gizlinlikleri girizip, ýokarda görkezilenler bilen wadalaşan ýerlerinde häkimiýeti zorlukly basyp almak maksady bilen dildüwşik edip, ýygy-ýygydan ýygnanyşyklary geçirip, raýatlaryň dini garaýşynyň durmuş we milli degişliliginiň alamatlary boýunça olaryň aýratyn we doly bahaly däldigini wagyz edip, ýokarda atlary agzalan dini pikirdeşleri bilen häkimiýeti zorlukly basyp almak we Türkmenistan döwletiniň konstitusion gurluşyny zorlukly üýtgetmek üçin, olary şol maksada köpçülikleýin çagyryp wagyz edip, Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulmadyk öz maksatlaryna ýetmek üçin dini derslerini dowam etdirip, adam sanlaryny köpeldip, konstitusion gurluşy zorlukly üýtgetmäge internet ulgamy bilen köpçülikleýin çagyryşlary yzygiderli habar beriş serişdelerini peýdalanmak arkaly Türkmenistanyň Konstitusion gurluşyny üýtgedip, Türkmenistany «Yslam» döwletine öwürmegiň ugruna çykypdyrlar.

(02.04.2018-nji ýyldaky sülçiniň kararlary bilen, A.Jumadurdyýew, A.Hudaýnazarow, M.Saparbaýew, N.Durdyýew, M.Geňeşow, B.Nazarow, K.Begliýew, Ý.Ormadow, W.Berdiýew, A.Bekiýew we näbelli adamlar barada iş toplumy bölünip aýrylypdyr)

Iş kesilen K.Halbaýewiň adwokaty A.Hojagulyýew nägilelik şikaýatynda, kazyýet hökümi bilen ylalaşmaýandygyny, K.Halbaýew tarapyndan jenaýatçylyk bileleşigiň we guramaçylyk topary döredilmändigi, häkimiýeti zorlukly basyp almak we Türkmenistanyň konstitusion gurluşyny zorlukly üýtgetmek barada synanyşyk edilmändigi, işleriň geçirilmändigi, olaryň deslapky derňewde we kazyýet seljerişinde tassygyny tapmandygy, K.Halbaýewiň jenaýaty ýeňilleşdirýän ýagdaýlarynyň göz öňünde tutulmandygy, agyrlaşdyrýan ýagdaýlarynyň ýokdugy barada görkezip, hökümiň üýtgedilmegini we jenaýat jezasynyň ýeňilleşdirilmegini sorapdyr.

Nägilelik şikaýatyň delillerini ara alyp maslahatlaşyp, işiň materiallaryny doly möçberde barlap, kazyýet kollegiýasy kazyýetiň hökümi üýtgedilmän, öňküliginde galdyrylmaga degişli diýip hasap edýär.

Kazyýet mejlisinde iş kesilen K.Halbaýew özüne bildirilen aýyby bölekleýin boýun alyp, 2013-nji ýylyň noýabr aýynda RF-na ýokary okuw jaýynda okamak üçin gidendigi, ol ýerde Agrar uniwersitetiniň umumy ýaşaýyş jaýynda ýaşandygy we A.Jumadurdyýew, K.Saparow dagylar bilen tanşandygy, A.Jumadurdyýew özüne namaz okamagy öwredip, ozalky öwrenen namaz okaýyş tärleriniň ýalňyşdygyny aýdýandygy, şeýle-de ýokarda agzalan raýatlar bilen şäheriň Gorkowskiý metro stansiýasynyň golaýyndaky metjide her hepdäniň anna güni Juma namazyna baryp namazdan soň, A.Jumadurdyewiň tanyşdyran daşary ýurtly raýatlary we K.Saparow dagylar bolup, şäheriň Sennaýa ploşad metro stansiýasynyň golaýyndaky kafeleriň birinde oturyp, dini akymynyň taglymatlary bolan töwhid ynanjy barada pikir alşandyklary, R.Gazakowyň dini wagyzlaryny internet ulgamynyň üsti bilen öz planşet telefonyna geçirip alyp, Türkmenistana getirendigi, emma olaryň içinde doly näme ýazgylaryň bardygyndan habarynyň bolmandygy, çünki ol ýazgylary doly görmändigi, şeýle-de polisiýa işgärleriniň özünden prosessoryny, "Samsung" kysymly planşedini, "Sony-MP-3" kysymly pleýerini resmileşdirip alandyklary, ondaky ýazgylary

öwrenmek niýeti bilen alyp gelendigi, emma ýüze çykarylyşy ýaly ondaky ýazgy geçirilen dini, terrorçylykly we häkimiýeti basyp almak ýaly hereketleri amala aşyrmaklygy ündeýän wagyzlary diňläp, olary amal etmek niýetiniň bolmandygy, özüniň maşgala agzalaryna we başga adamlara öwrenen dini düşünjesini wagyz etmändigi, özüniň ýolbaşçylyk etmeginde guramaçylykly toparlary, jenaýatçylykly bileleşigini we beýleki jenaýatçylykly düzümlerini döretmegini teklip etmändigini, ondan başga-da, açyk çagyryşlary edip, häkimiýeti zorlukly basyp almak we Türkmenistan döwletiniň konstitusion gurluşyny zorlukly üýtgedip, Türkmenistany dini döwletine bikanun öwürmek niýetiniň ýokdugy barada aýdyp görkezme beripdir.

Iş kesilen K.Halbaýewiň görkezilen jenaýatlary etmekdäki günäsi, kazyýet mejlisinde özüne bildirilen günäni bölekleýin boýun almagyndan başga-da, şaýatlaryň görkezmeleri, serediş geçirmek baradaky teswirnamalar, maddy subutnama diýip bilmek barada karar, bilermenler seljermesiniň netijeleri we iş boýunça ýygnalan beýleki resminamalar bilen hem doly tassyk bolupdyr we iş kesilen K.Halbaýewiň jenaýatçylykly hereketleri Türkmenistanyň Jenaýat kodeksiniň 174-nji maddasynyň 1-nji bölegi, 175-nji maddasynyň 2-nji bölegi, 177-nji maddasynyň 3-nji bölegi, 275-nji maddasynyň 1-nji we 2-nji bölekleri bilen dogry maddalaşdyrylypdyr, çünki ol häkimiýeti zorlukly basyp almak we konstitusion gurluşy zorlukly üýtgetmek maksady bilen dildüwşük edipdir, şeýle-de guramaçylykly topar tarapyndan köpçülikleýin habar beriş serişdelerini peýdalanmak bilen häkimiýeti zorlukly basyp almaga we konstitusion gurluşy zorlukly üýtgetmäge bolan köpçülikleýin çagyryşlary edipdir, şonuň ýaly-da guramaçylykly topar tarapyndan köpçülikleýin habar beriş serişdelerini peýdalanmak bilen, durmuş, milli we dini duşmançylygy we agzalalygy döretmäge, milli mertebäni kemsitmäge gönükdirilen bilkastlaýyn hereketleri edipdir, şeýle hem raýatlaryň dine garaýşyna, durmuş, milli degişliliginiň alamatlary boýunça olaryň aýratyn we doly bahaly däldigini wagyz edipdir, mundan başga-da jenaýat etmek üçin guramaçylykly topary we jenaýatçylykly bileleşigi döredip, açyk çagyryşlaryň edip, olara düzüm bölünmelerine ýolbaşçylyk edip, jenaýatçylykly düzümleriň işine gatnaşypdyr.

Kazyýet kollegiýasy, K.Halbaýewiň günäsini bölekleýin boýun alyp, Türkmenistanyň konstitusion gurluşyny zorlukly üýtgedip, Türkmenistany dini döwletine bikanun öwürmek niýeti bilen hiç zat etmändikleri baradaky getirýän delilleri ýokarda agzalyp geçilen subutnamalar bilen, iş kesilenleriň deslapky derňewde beren görkezmeleri, şol sanda iş kesilen K.A.Halbaýewiň A.Jumadurdyýewden «selefi-Töwhit» dini akymynyň taglymatlaryny öwrenendigi, oglanlar bilen Russiýada bolýan ýerlerinde üýşen wagtlary R.Gazakowyň, Aby Ýahýa Krymskiý, Ruslan Abu Ibrahim dagylaryň dini wagyzlaryny diňländikleri, olar barada öz aralarynda pikir alyşandyklary, Alladan başga gudratly ýerlere ynanmaly däldigi, Türkmenistanda hem öz pikirdeşleri ýaly adamlary köpeldip, Konstitusion gurluşa täsirlerini ýetirmek barada gürleşendikleri, «Töwhit», «Şirk», «Hijret», «Jihat» barada aýdylan wagyzlary öwrenendigi, ol wagyzlary A.Jumadurdyýewden, K.Saparowdan hem öwrenendigi, özünden alnan elektron göterijide eliňe ýarag alyp uruşmak, ýaşaýan ýurduň Konstitusion gurluşyny zorlukly üýtgedip, şerigat kanunlary esasynda ýaşamagy, aýallar hijaply gezip, erkek adamlaryň yslam egin-eşiginde gezmelidigi, sakgal ösdürmelidigi barada öwrenendigi baradaky özleriniň deslapky derňewde beren görkezmesi, bilermenleriň netijeleri we şaýatlaryň görkezmeleri bilen ýalana çykarylýandygy üçin esassyz diýip hasaplap, dogry baha beripdir.

Şoňa görä-de, kazyýet kollegiýasy nägilelik şikaýatyny kanagatlandyrmaga esas tapmaýar.

Beýan edilenleriň esasynda we Türkmenistanyň Jenaýat iş ýörediş kodeksiniň 445, 453, 463-465-nji maddalaryny gollanyp, Türkmenistanyň Ýokary kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasy

K E S G I T L E D I :

Aşgabat şäher kazyýetiniň jenaýat işleri boýunça kazyýet kollegiýasynyň 2018-nji ýylyň 27-nji aprelindäki **Kakajan Abdullaýewiç Halbaýew** barada çykaran hökümini üýtgetmän öňküliginde galdyrmaly.

Nägilelik şikaýatyny kanagatlandyrman galdyrmaly.

Başlyklyk ediji M.Mollaýew
Kazylar: 1. J.Açylow
2. G.Ussanepesow

Göçürmesi dogry
Kazy G.A.Ussanepesow